2024-nji ýylyň 14-nji iýunynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň bilelikde guramagynda 2024-nji ýylyň 22-25-nji maýy aralygynda Aşgabat şäherinde Merkezi Aziýa, Hazarýaka ýurtlarynyň, Türkiýe Respublikasynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň we magistrantlarynyň arasynda geçirilen «Halkara gatnaşyklary: parahatçylyk dialogynyň medeniýeti» atly halkara bäsleşiginiň guramaçylyk işlerine işjeň gatnaşan mugallymlaryň we talyplaryň sylaglandyryş dabarasy geçirildi.

Sylaglandyryş dabarasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyň rektory J.Gurbangeldiýew gatnaşyp, «Halkara gatnaşyklary: parahatçylyk dialogynyň medeniýeti» atly halkara bäsleşiginiň ýokary derejede geçirilmegine goşant goşan mugallymlardyr talyplara minnetdarlyk bildirdi hem-de olara gymmat bahaly sowgatlary we Hormat hatlaryny gowşurdy.

Bu sylaglandyryş dabarasy institutyň beýleki mugallymlaryny we talyplaryny hem hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyny, ata Watanymyzyň umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryny wagyz etmäge we olary durmuşa geçirmäge mynasyp goşant goşmaga ruhlandyrdy.

Все права защищены